TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
TÜRKMENISTANYŇ MILLI BILIM INSTITUTY

# INFORMATIKA 7

Türkmenistanyň orta mekdepleriniň VII synplary üçin interaktiw-multimedia elektron gollanmasy

AŞGABAT 2014

# San berlenleriň görnüşlerini özgertmek

Şol bir wagtda programmada dürli görnüşli üýtgeýänler ulanylyp biliner.

Şeýle ýagdaýda olary bilelikde ulanmak üçin, nähili özgertmelidigini bilmek zerurdyr.

**Hakyky** görnüşli üýtgeýänlere **bitin** üýtgeýänleriň bahalaryny ýazmak bolýar.

Ýöne **bitin görnüşli üýtgeýänlere hakyky üýtgeýänleriň bahalaryny ýazmak bolmaýar.**

**Real** görnüşli sany **integer** görnüşli üýtgeýäne geçirmek üçin, **trunc(*x*)** ýa-da **round(*x*)** funksiýalaryň kömegi bilen onuň drob bölegini aýyrmaly.

***Hakyky görnüşli üýtgeýäniň bitin görnüşli üýtgeýäne we tersine özgerdilişini görkezýän programmany ýazalyň:***

**Program** *int_real*; *{Programmanyň sözbaşysy}*
**Var** *c,d*:integer; *{Bitin görnüşli üýtgeýänleriň beýan edilişi}*
*a,b*:real; *{Hakyky görnüşli üýtgeýänleriň beýan edilişi}*
**Begin** *{Programmanyň başlangyjy}*
*c*:=**8;** *{Başlangyç berlenlere baha bermek}*
*a*:=**5.***7***;**
*b*:=*c*; *{b hakyky görnüşli üýtgeýäne c bitin görnüşli üýtgeýäniň bahasy geçirilýär}*
**Writeln** ('*b*= ',*b*); *{b üýtgeýäne baha bermek teklibini ekrana çykarýar}*
**Writeln** ('*a*= ',*a*); *{a üýtgeýäne baha bermek teklibini ekrana çykarýar}*

*c*:=**trunc**(*a*); *{a sanyň hakyky bölegini tapawutlandyrýar}*
**Writeln** ('trunc(*5.7*)= ',*c*); *{Netijäni çykarmak}*
*d*:=**round**(*a*); *{a san ýakyn bitin sana çenli tegelenýär we d üýtgeýäne geçirilýär}*
**Writeln**('round(*5.7*)= ',*d*); *{Netijäni çykarmak}*
**End.** *{Programmanyň soňy}*

*int_real programma ýerine ýetirilenden soň, çykyş penjirede alnan netije:*

*b=8*

*a=5.7*

trunc(*5.7*)=*5*

round(*5.7*)=*6*

# *Dürli görnüşli san berlenlere funksiýalaryň (amallaryň) ulanylyşyna degişli programma:*

**Program** *int_real_1; {Programmanyň sözbaşysy}*
**Var** *c,d,x,y:integer; {Bitin görnüşli üýtgeýänleriň beýan edilişi}*
*a,b:real; {Hakyky görnüşli üýtgeýänleriň beýan edilişi}*
**Begin** *{Programmanyň başlangyjy}*
*c:=10; {c, a, d – başlangyç berlenler}*
*a:=5.7;*
*d:=3;*
*b:=a+c; {Eger goşulyjylaryň biri hakyky bolsa, onda netijesi hem (b üýtgeýän) hakyky bolýar}*
**Writeln** *('b= ',b); {Netijäni ekrana çykarmak}*
*y:=frac(b); {Drob bölegi hasaplamagyň netijesi (y üýtgeýän) hemişe bitin bolýar}*
**Writeln** *('frac(b)= ',y); {Netijäni ekrana çykarmak}*
*a:= c/d; {Bölmegiň netijesi (a üýtgeýän) hemişe hakyky bolýar}*

**Writeln** ('*a*=*c*/*d*= ',*a*); *{Netijäni ekrana çykarmak}*
*d*:=*c* div *4*; *{Bitinleýin bölmekde bölüniji, bölüji we paý hemişe bitin bolýar}*
**Writeln** (*c*, 'div *4*= ',*d*); *{Netijäni ekrana çykarmak}*
*x*:=trunc(*a*); *{(a) hakyky sanyň bitin bölegini bölüp almagyň netijesi (x) hemişe bitin bolýar}*
100
**Writeln** ('trunc(*a*)= ',*x*); *{Netijäni ekrana çykarmak}*
**End.** *{Programmanyň soňy}*

*int_real_1* programma ýerine ýetirilenden soň, çykyş penjirede alnan netije:

*b=15.7*
frac(*b*)=*7*
*a=c/d=3.33333333333333*
*10* div *4*= *2*
trunc(*a*)= *3*

*int_real_1 programmanyň netijesi paýyň drob böleginiň örän uzyn ýa-da gaýtalanýan periodly bolup biljekdigini görkezýär.*

*Şeýle ýagdaýda üýtgeýäniň çykyş formatyny görkezip, sanyň drob bölegini gysgaldyp bolýar.*

*Onuň üçin Writeln buýrugynda tutuş sanyň we drob böleginiň eýelemeli orunlarynyň (pozisiýasynyň) mukdary görkezilýär. Meselem:*

*Writeln (a:6:2);*

*Bu ýagdaýda onluk nokady hem goşmak bilen, tutuş sana 6 sany orun we 2 orun sanyň drob bölegine goýulýar.*

# Interaktiw-multimedia elektron gollanmanyň awtorlary:


**Saryýew Döwran**
**Ataýew Kakageldi**
**Garýagdyýew Oraz**